TÜRKMENISTANYŇ
BILIM
MINISTRLIGI

744000, Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 104
Tel.: 44-84-00; Faks: 44-86-93

MINISTRY
OF EDUCATION
OF TURKMENISTAN

744000, 104, Archabil ave., Ashgabat c.
Phone: 44-84-00; Fax: 44-86-93

«13» 02 2026 ý.  № 16/1194

**Ýokary we orta hünär okuw mekdepleriniň ýolbaşçylaryna**

Türkmenistanyň Bilim ministrligi, ministriň 2023-nji ýylyň 5-nji dekabryndaky 444 belgili buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2023-nji ýylyň 23-nji dekabrynda 1754 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan “Bilim edaralarynda elektron okuwy we uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň Tertibini” işde peýdalanmak üçin size iberýär.

**Goşulýar:** Tertip – 7 (ýedi) sahypa.

Ministriň orunbasary  A.Ataýew

TÜRKMENISTANYŇ
BILIM
MINISTRLIGI

BUÝRUK

MINISTRY
OF EDUCATION
OF TURKMENISTAN

ORDER

«05» 12 2023 ý. № 444

**Bilim edaralarynda elektron okuwy we uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň Tertibini tassyklamak hakynda**

2021-nji ýylyň 5-nji iýunynda kabul edilen "Bilim hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 17-nji maddasynyň bäşinji bölegine, "Türkmenistanyň Bilim ministrligi hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak barada" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 8-nji oktýabrynda çykaran 11308-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Bilim ministrligi hakynda Düzgünnama, "Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmek hakynda" Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda çykaran 340-njy karary bilen tassyklanan, Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyna laýyklykda, şeýle hem bilim edaralarynda elektron okuwy we uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitlemek, bu ugurda kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmek, raýatlaryň bilim almaga bolan hukuklaryny üpjün etmek maksady bilen,

***b u ý u r ý a r y n:***

1. Bilim edaralarynda elektron okuwy we uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň Tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Bilim ministriniň orunbasarlary A.Ataýew, A.Amanow we N.Taganow gözegçilik etmeli.

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

**Ministr** **G.Ataýewa**

Türkmenistanyň Bilim ministriniň
2023-nji ýylyň 12 aýynyň 5-ne
çykaran 444 belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**Bilim edaralarynda elektron okuwy we uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň**
**TERTIBI**

1. Şu Bilim edaralarynda elektron okuwy we uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň Tertibi (mundan beýläk - Tertip) “Bilim hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 17-nji maddasynyň bäşinji bölegine, “Türkmenistanyň Bilim ministrligi hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak barada” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 8-nji oktýabrynda çykaran 11308-nji karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Bilim ministrligi hakynda Düzgünnamanyň bäşinji bölegine, “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda çykaran 340-njy karary bilen tassyklanan, Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyna, laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Tertip hünär-tehniki bilim, orta hünär bilimi, ýokary hünär bilimi, ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimini amala aşyrýan, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrýan we olary gaýtadan taýýarlaýan, okuwçylaryň mekdepden daşary we goşmaça bilim edaralary we bilim işini amala aşyrýan beýleki edaralar (mundan beýläk – bilim edaralary) tarapyndan elektron okuwy we uzak aralykly bilim tehnologiýalary ulanylyp geçirilýän bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň tertibini düzgünleşdirýär.

3. Umumy bilim edarasy, bilim işine gatnaşýanlaryň erkine bagly bolmadyk ýagdaýlaryň döremegi bilen baglylykda, okaýanlaryň we pedagogik işgärleriň özara gatnaşyklaryna esaslanýan tehnologiýalary doly möçberde ulanmak mümkinçiliginiň bolmadyk halatynda, bilim maksatnamalaryny elektron okuwy we uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny peýdalanmak arkaly durmuşa geçirip biler.

4. Şu Tertipde aşakdaky esasy düşünjeler peýdalanylýar:

1) bilim portaly - Internet maglumat –telekommunikasiýa tory arkaly bilim häsiýetli maglumat serişdelerine we hyzmatlaryna ulanyjylaryň giň toparynyň elýeterliligi üçin niýetlenen maglumat ulgamy;

2) “bulutlaýyn” tehnologiýa - hasaplama gorlary we kuwwatlyklary ulanylyja Internet hyzmaty hökmünde berilýän, maglumatlaryň uzak aralykdan gaýtadan işlenilmegini we saklanylmagyny göz öňünde tutýan tehnologiýa. “Bulutlaýyn” tehnologiýa ulanyjynyň talap etmegi boýunça iň az ulanylyş harajatlary bilen berlip bilinýän we boşadylýan çarçuwalaýyn hasaplaýyş hem-de maglumat gorlarynyň amatly tor arkaly elýeterliligini ähli ýerde üpjün etmegi göz öňünde tutýar;

3) elektron okuw – maglumat we kompýuter tehnologiýalaryny, interaktiw usuly hem-de aragatnaşyk serişdelerini, şol sanda Interneti we Internet ulgamlaryny ulanmak arkaly guralýan okuw;

4) uzak aralykdan bilim bermek (distansion okuw) – uzak aralykdan bilim bermek (okatmak) ulgamynyň binýadynda, uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly bilim (okuw) işini guramak;

5) uzak aralykly bilim tehnologiýalary (distansion tehnologiýalary) – uzak aralykdan okaýanlaryň we pedagogik işgärleriň özara gatnaşyklaryny üpjün edýän maglumat-telekommunikasiýa torlaryny ulanmak arkaly bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň we okuw işini guramagyň gurallary;

6) uzak aralykly okuw (sapak) – uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny peýdalanmak arkaly geçirilýän okuwlaryň (sapaklaryň) ähli görnüşleri;

7) interaktiw uzak aralykly okuw – multimediýa goşundylary bilen bilelikde uly göwrümli ýazgylar görnüşinde berlen, okuw boýunça gözleg (nawigasiýa) ulgamy bilen üpjün edilen, maglumat gurşawynda ýerleşdirilen okuw-usuly materiallaryň toplumy.

5. Şu Tertipde ulanylýan beýleki düşünjeler olaryň Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilişi ýaly manylarda ulanylýar.

6. Uzak aralykly bilim tehnologiýalar ulanylanda şu aşakdaky görnüşli bilim tehnologiýalary peýdalanylýar:

1) keýs, ýagny maglumat gorlaryny okaýanlara okuw-usuly toplumlaryň jemlenen görnüşinde elýeterli edilmegine esaslanýan bilim tehnologiýasy. Bu tehnologiýa maglumat göterijileriň dürli görnüşlerini peýdalanmak arkaly maglumat gorlaryny özbaşdak öwrenmek we özleşdirmek üçin niýetlenendir;

2) telekommunikasiýa, ýagny pedagogik işgäriň arasynda interaktiw özara gatnaşygy üpjün etmek maksady bilen telekommunikasiýa torlaryny ulanmaklyga esaslanýan uzak aralykly bilim tehnologiýasy;

3) internet (tor), ýagny ýerleşýän ýerlerine garamazdan, okaýanlaryň maglumat gorlaryna elýeterliligini üpjün etmek hem-de bilim bermegiň (okatmagyň) usuly, guramaçylyk, tehniki, programmalaýyn serişdeleriniň jemini kemala getirmek, okuw işini dolandyrmak üçin kompýuter torlaryny ulanmaklyga esaslanýan uzak aralykly bilim tehnologiýasy.

7. Uzak aralykdan bilim bermek (okatmak) ulgamy bilim portallarda, okuwy dolandyryş ulgamlarynda ýerleşdirmeklik, aşakdakylary üpjün edýär:

1) uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly bilim işini guramagy we maglumat taýdan goldamagy;

2) ähli derejedäki ulanyjylaryň ulgama elýeterliligini dolandyrmagy;

3) okuw-usuly çeşmeleri (toplumlary) saklamagy, täzelemegi we ulgamlaşdyrmagy;

4) uzak aralykdan amala aşyrylýan okuw işine gatnaşyjylaryň özara gatnaşyklaryny;

5) uzak aralykdan amala aşyrylýan okuw işine gözegçiligi.

8. Bilim edarasynda uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly okuw işi guralanda internet-tehnologiýa (tor tehnologiýasy) binýatlyk hökmünde

alynýar. Uzak aralykly bilim tehnologiýalarynyň esasy görnüşleriniň utgaşykly ulanylmagyna rugsat berilýär.

9. Bilim edarasynyň elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmagynyň maksady bilimiň elýeterliligini üpjün etmekden we berilýän bilimiň hilini ýokarlandyrmakdan ybarat bolmalydyr.

10. Elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalarynyň çäklerinde geçirilýän okuw sapaklary okuw otaglarynda (synp otaglarynda) geçirilýän okuw sapaklar, şeýle hem özbaşdak işler üçin hem deňdir.

11. Bilim edaralary bilim işini guranlarynda bilim tehnologiýalaryny, şol sanda okaýanlaryň we pedagogik işgärleriň özara gatnaşyklaryna esaslanýan tehnologiýalary, elektron okuwy hem-de uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanýarlar. Bilim edarasy bu tehnologiýalary bilim almagyň ähli görnüşlerinde ulanmaga haklydyr.

12. Elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalary Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan ylmy-usulyýet seljerişinden we ulanyş synagyndan geçirilýär hem-de degişli bilim edaralarynda ulanmak üçin hödürlenilýär.

13. Elektron okuwynda maglumatlar binýatlarynda saklanýan we bilim maksatnamalary durmuşa geçirilende ulanylýan, tehniki serişdeler we maglumatlar tehnologiýalary tarapyndan gaýtadan işlenilýän maglumatlar, şeýle hem görkezilen maglumatyň aragatnaşyk ýollary arkaly geçirilmegini hem-de okaýanlaryň we pedagogik işgärleriň arasynda zerur bolan özara gatnaşyklary üpjün edýän maglumat-telekommunikasiýa ulgamlary peýdalanylýar.

14. Elektron okuw arkaly bilim maksatnamalary durmuşa geçirilende, bilim edarasy okaýanlara, pedagogik işgärlere, okuw-kömekçi işgärlere we dolandyryş işgärlerine aşakdakylary öz içine alýan elektron okuw-usulyýet toplumynyň elýeterliligini üpjün edýär:

1) bilim maksatnamasynyň okuw meýilnamasyny;

2) okaýanyň özbaşdak meýilnamasyny;

3) dersleriň (tapgyrlaryň, modullaryň, okuwlaryň) okuw maksatnamalaryny;

4) elektron görnüşde elýeterli bolan we dersiň (tapgyryň, modulyň, okuwyň) okuw maksatnamasyna laýyklykda işleriň ähli görnüşlerini üpjün edýän bilim maglumatlarynyň toplumyny;

5) maglumatyň özleşdirilişiniň hiline gözegçiligi amala aşyrmak üçin serişdeleri;

6) dersiň (tapgyryň, modulyň, okuwyň) okuw maksatnamasyny öwrenmek boýunça okaýanlara usuly maslahatlary.

15. Uzak aralykly bilim tehnologiýalary ulanylyp, bilim maksatnamalary durmuşa geçirilende bilim edarasy okaýanlara elektron okuw-usulyýet toplumynyň, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň we maglumat-telekommunikasiýa torlarynyň toplumynyň we degişli tehnologik serişdeleriň elýeterliligini üpjün edýär.

16. Bilim edarasynda elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly okatmaga başlamak üçin aşakdakylaryň bolmagy hökmany şertdir:

1) her bir bilim maksatnamasy boýunça okuw meýilnamalarynyň dersleriniň (tapgyrlaryň, modullaryň, okuwlaryň) okuw maksatnamalarynyň ählisi boýunça elektron okuw-usulyýet toplumlarynyň;

2) elektron kitaphananyň;

3) maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň;

4) maglumat-telekommunikasiýa torlarynyň;

5) beýleki tehniki we tehnologik serişdeleriň.

17. Elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalary ulanylyp, bilim maksatnamalary durmuşa geçirilende, bilim edarasy elektron maglumat-bilim gurşawynyň işlemegi üçin şertleri döredýär. Elektron maglumat-bilim gurşawy elektron maglumat gorlaryny, elektron bilim gorlaryny, maglumat we telekommunikasiýa tehnologiýalarynyň toplumlaryny, degişli tehnologiki serişdeleri öz içine alýar, şeýle hem okaýanlaryň ýerleşýän ýerine garamazdan olaryň bilim maksatnamalaryny doly möçberde özleşdirmeklerini üpjün edýär.

18. Bilim maksatnamalary durmuşa geçirilende elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak babatda bilim işine gatnaşýanlaryň hukuklary we borçlary şu Tertip esasynda işlenip taýýarlanýan hem-de Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen ylalaşylyp, bilim edarasynyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanýan bilim edarasynda elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly bilim maksatnamalaryny durmuşa geçirmegiň düzgünlerinde kesgitlenilýär.

Şol bir wagtda:

1) okaýanlara okatmagyň görnüşini saýlap almaga, elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalary arkaly özleşdirilýän bilim maksatnamasynyň çäklerinde şahsy okuw meýilnamasy boýunça okamaga hukuklar berilýär;

2) kämillik ýaşyna ýetmedik okaýanlaryň ata-eneleriniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlara çaga umumy orta bilim almagy tamamlaýança, onuň pikirini we lukmançylyk-pedagogik toparynyň maslahatlaryny göz öňünde tutup, elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalary ulanylanda, bilim almagyň görnüşini hem-de okatmagyň görnüşini saýlap almaga, çaganyň psihofiziki ösüşiniň aýratynlyklaryndan we saglyk ýagdaýyndan ugur alyp, dersleriň (tapgyrlaryň, modullaryň, okuwlaryň) aýratyn okuw maksatnamalary boýunça ony okatmaga hukuklar berilýär;

3) pedagogik işgärlerine okatmagyň we terbiýelemegiň pedagogika taýdan esaslandyrylan görnüşlerini, serişdelerini, usullaryny saýlap almak hem-de ulanmak, döredijilik başlangyçlaryna, okatmagyň we terbiýelemegiň usullarynyň awtorlyk maksatnamalaryny işläp taýýarlamak hem-de ulanmak, bilim edaranyň elektron bilim serişdelerinden peýdalanmaga hukuklar berilýär.

Elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalary ulanylanda, pedagogik işgärler hukuk, ahlak we etiki kadalary berjaý etmäge, hünär etikasynyň talaplaryna eýermäge, pedagogika taýdan esaslandyrylan we bilimiň ýokary hilini üpjün edýän okatmagyň hem-de terbiýelemegiň görnüşlerini, serişdelerini we usullaryny ulanmaga, saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli okaýanlara aýratyn üns berip, okaýanlaryň psihofiziki ösüşiniň aýratynlyklaryny we saglyk

ýagdaýyny göz öňünde tutmaga, özüniň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga borçludyrlar.

19. Uzak aralykly bilim tehnologiýalary ulanylyp, bilim maksatnamalary (ýa-da olaryň bölegi) durmuşa geçirilende okaýanlaryň hemişelik ýaşaýan ýa-da wagtlaýyn bolýan ýerlerine garamazdan bilim işiniň amala aşyrylan ýeri hökmünde bilim edarasynyň ýa-da onuň şahamçasynyň ýerleşýän ýeri hasap edilýär.

20. Elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalary ulanylyp guralýan okuw saýlanyp alnan ugur (profil) boýunça giriş synaglary, okaýanlaryň aralyk synaglary, umumy, amaly, söhbet, tejribe okuwlarynyň, maslahat beriş sapaklarynyň, tejribelikleriň dürli görnüşleri geçirilende peýdalanylyp bilner.

21. Bilim edarasynda bilim maksatnamalary ýa-da olaryň tapgyrlary elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly durmuşa geçirilende olaryň onlaýn, oflaýyn ýa-da olary bilelikde ulanmak görnüşinde amala aşyrylyp bilner.

22. Elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalary ulanylyp geçirilýän okuw amala aşyrylanda, degişli bilim maksatnamasyny özleşdirmek üçin sarp edilýän möhletiň çäklerinde bilim edarasyna özbaşdak okuw sapaklarynyň tertipnamasyny düzmäge rugsat berilýär.

23. Elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly bilim maksatnamalary amala aşyrylan halatynda, bilim edarasy elektron maglumat-bilim gurşawyna bolan elýeterliligiň tertibini özbaşdak belleýär.

24. Elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalary ulanylyp, bilim maksatnamalary durmuşa geçirilende, bilim edarasy hünär derejesini ýokarlandyryş, gaýtadan taýýarlaýyş okuwlaryny geçirmek arkaly pedagogik, dolandyryş we okuw-kömekçi işgärleri taýýarlamagy üpjün edýär.

25. Bilim edarasy bilim maksatnamalaryny elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly amala aşyranda, bilim işiniň netijeleriniň hasabyny ýöretmäge we saklamaga, şeýle hem “Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda”, “Maglumat we ony goramak hakynda”, “Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda” Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda, elektron sanly görnüşinde hem-de kagyz göterijide içki resminama dolanyşygyny ýöretmäge, şahsy maglumatlary işläp taýýarlamaga we elektron gollary peýdalanmaga haklydyr.

26. Bilim edarasy elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny peýdalanmak arkaly bilim maksatnamalaryny amala aşyranda, okaýanlara okuw-usuly kömek bermegi guraýar.

Uzak aralykly bilim tehnologiýalary ulanylyp, bilim maksatnamalary durmuşa geçirilende we okuw işi guralanda, bilim edarasy okaýanlara aşakdakylaryň elýeterliligini üpjün edýär:

1) elektron okuw-usulyýet toplumynyň;

2) maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň we maglumat-telekommunikasiýa torlarynyň toplumynyň;

3) degişli tehnologik serişdeleriň.

27. Bilim edaralaryna bilim maksatnamalaryny uzak aralykly bilim

tehnologiýalaryny ulanmak arkaly amala aşyrmaga degişli derejede taýýarlygy bolan pedagogik we okuw-kömekçi işgärleri, degişli tehnikalar bilen üpjün edilen ýörite okuw otaglarynyň bolan, döwlet bilim standartlarynyň talaplarynyň doly ýerine ýetirilen halatynda rugsat berilýär.

28. Uzak aralykdan bilim bermek (okatmak) ulgamynyň işine çekilen pedagogik, okuw-kömekçi işgärleriniň we tehnikalaryň sany ulgama birikdirilen okaýanlaryň sanyna hem-de ulanylýan programma üpjünçiliginiň tehniki aýratynlyklaryna görä kesgitlenilýär. Bilim edarasynda internet toruna ýokary tizlikli, giň zolakly birikmäniň bolmagy hökmandyr.

29. Elektron okuwy we (ýa-da) uzak aralykly bilim tehnologiýalaryny ulanmak arkaly okuwlary guramak üçin saýlanyp alnan programma üpjünçiligi talaplara görä, bilim edarasynyň tehniki mümkinçiliklerine laýyk gelmelidir.

30. Ýurduň çäginde daşary ýurtlaryň bilimi dolandyrmak boýunça döwlet edaralary ýa-da bilim edaralary bilen bilim maksatnamalarynyň (ýa-da olaryň bölekleriniň) uzak aralykly tehnologiýalar ulanylyp, özleşdirilmegine rugsat berilýär.

Bilim edarasyna bilim maksatnamalaryny ýa-da olaryň böleklerini onlaýn okuwlar görnüşinde amala aşyran bilim edarasynyň okaýana beren resminamasy esasynda okaýany aralyk synaglaryna goýbermäge ýa-da beýleki bilim edarasynyň goýan bahasyny aralyk synaglarynyň netijesi hökmünde kabul etmäge hukuk berilýär.